# TÜRKI DILLERIŇ DEŇEŞDIRME-TARYHY GRAMMATIKASY

1. Türki diller dünýä dilleriniň içinde haýsy diller maşgalasyna girýär?
2. Türkolog alymlar Altay diller maşgalasyna haýsy dilleri girizýär?
3. Häzirki wagtda türki dilleriň sany näçeden gowrak?
4. Türki dilleri ilkinji bolup klassifikasiýalamakda iş salyşan türkolog alymlaryň atlary dogry berlen hatary görkeziň?
5. Türki halklary iki sany uly şaha, ýagny demirgazyk we günorta diýip bölen türkşynas alym kim?
6. “Türki dilleriň deňeşdirme grammatikasyndan gollanma” Aşgabat, 1972 atly kitabyň awtory kim?
7. Türkmen dili türki dilleriň haýsy toparyna degişli hasaplanýar?
8. Türki dilleriň demirgazyk-günbatar (gypjak toparyna) toparyna haýsy türki diller girýär?
9. Türki dilleriň günorta-günbatar (oguz ýa-da türkmen) toparyna haýsy türki diller girýär?
10. Türki dilleriň günorta-gündogar (garlyk-çagataý) toparyna haýsy türki diller girýär?
11. Türki dilleri uly iki topara Günbatar hun we Gündogar hun şahalaryna haýsy türkologik alym bölýär?
12. Türki dilleriň Günbatar hun şahasyna haýsy türki diller topary girýär?
13. Türki dilleriň Gündogar hun şahasyna haýsy türki diller topary girýär?
14. Oguz diller toparyny düzýän türki diller berilen jogaby görkeziň?
15. Türki dilleri öwrenmek boyunça ilkinji edilen işleriň biri hökmünde haýsy dilçi alymyň ylmy işi garalýar?
16. XIX asyryň ikinji ýarymynda türki dilleriň deňeşdirme grammatikasynyň öwrenilişine goşant goşan türkolog alymlaryň atlary dogry berlen jogaby görkeziň?
17. XX asyrda türki dilleriň deňeşdirme grammatikasynyň öwrenilişine goşant goşan türkolog alymlaryň atlary dogry berlen jogaby görkeziň?
18. Türki dilleriň deňeşdirme grammatikasyna degişli saldamly işleri ýerine ýetiren ýergilikli türkolog alymlarymyzyň atlary berilen jogaby görkeziň?
19. *Gabak, gaş, çekge, baldyr, ýal, tumşuk, aýa, kentlewük* sözleri türki halklaryň arasynda durmuşyň haýsy ugry bilen baglanyşykly sözler hasaplanýar?
20. *Pudak, gabyk, baldak, tohum, kök* sözleri türki halklaryň arasynda durmuşyň haýsy ugry bilen baglanyşykly sözler hasaplanýar?

**21. Türkologlar türk etnonimini örän gadymy hasaplap, onuň manylaryny näme diýip çaklaýarlar?**
**22. Oguz-Orhon daş ýazgylarynda türk sözi nähili manylarda ulanylypdyr?**
**23. Türki dilleriň ösüş taryhyny şertli ýagdaýda näçe eýýama bölýärler?**
**24. Türki dilleriň ösüş taryhyndaky Altaý eýýamy haýsy döwre çenli dowam edipdir?**
**25. Türki, mongol, tungus, manjur, koreý, ýapon halklarynyň ata–babalarynyň altaýlylaryň daşyna jebislenen döwri türki dilleriň ösüş taryhynyň haýsy eýýamyna dogry gelýär?**
**26. Altaý dil umumylygy döwürlerine mahsus bolan aýratynlygy görkeziň?**
**27. Türki dilleriň ösüş taryhyndaky Gun eýýamy haýsy döwre çenli dowam edipdir?**
**28. Türki dilleriň ösüş taryhyndaky Gadymy Türki eýýamy haýsy döwre çenli dowam edipdir?**
**29. Orhon-Ýeniseý, Oguz-Orhon ýazuw ýadygärlikleriniň dödedilmegi türki dilleriň ösüş taryhyndaky haýsy eýýama dogry gelýär?**
**30. Türki dilleriň ösüş taryhyndaky Orta Türk eýýamy haýsy döwre çenli dowam edipdir?**
**31. *Mahmyt Kaşgarlynyň "Diwan lugat at-türk", Ahmet Ýugnakynyň "Atabat-ul hakaik", Ahmet Ýasawynyň "Hikmetler diwany"* ýaly eserleriň döredilmegi türki dilleriň ösüş taryhyndaky haýsy eýýama dogry gelýär?**
**32. Türki dilleriň ösüş taryhyndaky Täze Türki eýýamy haýsy döwre çenli dowam edipdir?**
**33. Orta Türki eýýamda haýsy dil umumylyklary peýda boldy?**
**34. XI asyrda ýaşan türkşynas Mahmyt Kaşgarly türki dilleri uly 2 topara bölmekde nähili aýratynlyklaryny nazarda tutupdyr?**
**35. Türki dilleri ýaşaýan ýerleri boyunça 7 topara bölen rus alymynyň adyny tapyň?**
**36. W.W.Radlow türki dilleri fonetik aýratynlyklary we geografik ýerleşişi boyunça näçe topara bölüpdir?**
**37. Türki dilleri, esasan, fonetik we morfologik aýratynlyklary boýunça *(R-topar, D-topar, Tau-topar, Taglyk-topar, Tagly-topar, Ol-topar)* ýaly toparlara haýsy rus alymy bölýär?**
**38. Günbatar gun şahasynyň Gündogar gun şahadan tapawutlanýan fonetik alamatyny görkeziň?**
**39. *Wokalizm sistemasynda 6-9 çekimliniň bolmagy, söz soňunda "g" sesiniň saklanmagy, söz başynda "k" sesiniň ornuna "g" sesiniň ulanylmagy* haýsy diller toparyna has aýratynlyk hasaplanýar?**

40. ***Wokalizm sistemasynda 3 giň we 6 dar çekimlileriň bolmagy, sözlük düzüminde bolsa beýleki türki dillerde duş gelmeýän sözleriň bolmagy*** **haýsy diller toparyna has aýratynlyk hasaplanýar?**
41. ***Wokalizm sistemasynda 8-10 çekimliniň bolmagy, gadymy elementleriň saklanmagy (ag>au, eg>iý, og>uý, tag>tau, teg>tiý,) ýalylar*** **haýsy diller toparyna has aýratynlyk hasaplanýar?**
42. ***Munda "g" sesiniň saklanmagy: saryg-saryk, "-gan, -gen" formanyň aktiwligi, "-mak, -mek, -gu, -gü" formasynyň ulanylmagy ýalylar haýsy*** **diller toparyna has aýratynlyk hasaplanýar?**
43. **Gündogar gun şahasynyň Günbatar gun şahadan tapawutlanýan fonetik alamatyny görkeziň?**
44. **Gündogar gun şahasyny haýsy diller topary düzýär?**
45. **Türki diller geografik ýerleşişi boýunça haýsy territoriýalary eýeleýär?**
46. **Birinji türkologik gurultaý haçan we nirede bolup geçdi?**
47. **Türki dillerde düşümler sistemasynyň baryp VI-VIII asyrlardaky türki dillere degişli ýazuw ýadygärliklerinde kämilleşen görnüşinde duş gelýändigini aýdan alym kim?**
48. **«Düşüm» termini türki dilleriň bazasynda grammatik manyda haçandan başlap ulanylyp başlapdyr?**
49. **Gagauz diliniň kämilleşmeginde haýsy diller toparynyň roly uly hasaplanýar?**
50. **Baş düşümde gelen sözler sözlemde nähili hyzmaty ýerine ýetirýär?**
51. **Söz toparlary hakyndaky taglymat ilki bilen haýsy grek alymy tarapyndan öwrenildi?**
52. **Türki dilleri deňeşdirme-taryhy nukdaýnazardan öwrenmek näçenji asyrlarda başlandy?**
53. **Türkmen diline degişli ilkinji ýazylan işler haýsy dilçi alymalara degişli?**
54. **«Grammatika sowremennogo tureskogo literaturnogo ýazyka» dien iş haýsy alyma degişli?**
55. **Türki dilleri özara klassifikasiýalamagyň esasy kategoriýasy hökmünde nähili alamatlar hyzmat edýär?**
56. **Türki dilleriň garluk diller toparyna girýän dillerde eýelik düşümiň haýsy goşulmasy ulanylýar?**
57. **Türki dillerde düşüm kategoriýasy näçenji asyrlarda kämilleşip başlaýar?**
58. **Türkmen dilinde düşüm termini ilkinji gezek haýsy alymlaryň işlerinde ulanylýar?**
59. **Türki dilleriň grammatikalaryna degişli ýazylan işlerde taryhy nukdaý nazardan düşümleri näçe topara bölüp öwrenipdirler we haýsylar?**

**60.Sözemiň grammatiki we logiki eýesi bolup gelýän düşümi anyklaň?**
**61.Oguz toparyna girýän türki dilleriň çekimlisiniň sany näçe?**
**62.Ýok bolup giden türki kowumlaryň ady görkezilen hatary tapyň?**
**63.Türki diller ýergilikli alymlarymyz tarapyndan näçenji asyrdan başlap öwrenilýär?**
**64.San kategoriýasyny bildirýän *"sem"* goşulmasy haýsy türki dilde ulanylýar?**
**65.Türki dilleriň taryhyndaky gural düşüminiň grammatik formalary haýsy hatada dogry berilen?**
**66.M.Rýasýanen özüniň derňewlerinde türki dilleriň haýsy meselelerini öwrenýär?**
**67.A.Gafer ogly türk dilleriň taryhyna degişli nähili kitap ýazypdyr?**
**68.W.Şotta we A.N.Baskakowyň ylmy işlerinde altaý dili näçe topara bölünýär we olar haýsylar?**
**69.Filipp fon Stralenberg on üç ýyl dowamynda Sibirdäki türki kowumlaryň durmuşy we dillerini öwrenip haýsy eserini ýazýar?**
**70.Türki dilleriň taryhy we olaryň dil aýratynlyklaryny anyklamaga faktik materiallar berýän ýazuw ýadygärlikleri haýsylar?**
**71.Alyşir Nowaýy "Muhokamat ul-lugataýn" eserinde haýsy diliň mümkinçiliklerini giňden açyp berýär?**
**72.W.W.Radlow, F.Korş, I.Bensig, K.Menges, W.A.Bogorodskiý, G.Ramstedtler türki dilleri haýsy aýratynlygy boyunça klassifikasiýalaýarlar?**
**73.Türki diller morfologik aýratynlygy boyunça haýsy diller toparyna girýär?**
**74.Türki dilleriň fonetik kanunlaryny birinjilerden bolup, haýsy alym deňeşdirme usulda öwrenýär?**
**75.Gypjak diller toparyna girýän türki dilleriň çekimlileriniň sany näçe?**
**76.Haýsy türki diller toparynda *k, p, t* çekimsizleriniň ornuna *g, b, d* çekimsizleri ulanylýar?**
**77.Çekimlileriň uzyn-gysgalyk häsiýeti haýsy türki diller üçin has hasaplanýar?**
**78.Türki dilleriň haýsysynda diňe *uzyn o:* çekimlisi ulanylýar?**
**79.Gagauz diliniň fonetikasynda näçe sany çekimli fonema bar?**
**80.Türki dillerdäki uzyn çekimliler näçe topara bölünýär we olar haýsylar?**
**81.Gazak, garagalpak, nogaý, garaçaý-balkar dillerinde haýsy çekimliler diftonglaşan halda aýdylýar?**
**82.Çuwaş dilinde haýsy çekimliler sözüň soňunda gelse aýdylmaýar?**

**83.Häzirki wagtda türki dilleriň haýsysynda singarmonizm hadysasy duýulmaýar?**

**84.Özbek dilindäki E çekimlisiniň ornuna azerbaýjan dilinde haýsy çekimli ulanylýar?**

**85.Regressiw singarmonizm köpräk haýsy türki dilde duşýar?**

**86.Türkmen dilinde söz ahyrynda haýsy çekimsizler gelmeýär?**

**87.Sap türki sözlerde sözüň başynda nähili çekimsizler gelmeýärler?**

**88.Türki dilleriň sözlük düzümine esasan haýsy dillerden sözler geçipdir we özleşdirilipdirler?**

**89.Türki dillerde bogun hasyl edýän birlik näme?**

**90.Türki dillerde söz basymy esasan haýsy boguna düşýär?**

**91.Baş düşüm termini deregine azerbaýjan dilinde haýsy termin ulanylýar?**

**92.Haýsy alymlar tarapyndan türkmen dilinde ilikinji baş düşüm termini ulanylýar?**

**93.Haýsy düşüm türkologiýada *formalanmadyk düşüm, nämälim düşüm, absolýut düşüm, affikssiz düşüm, dogry düşüm, nominatiw, düşüm, esasy düşüm, müjerret düşüm,* ýaly terminler bilen atlandyrylypdyr?**

**94.Prof.N.K. Dmitriýew türki dilleriň haýsysynyň düşümler sistemasy barada ylmy iş alyp barýar?**

**95.**Anton aga *kellesini ýaýkap güldi.* Räşid *şähärdä ohuýur. Iki* kärdeş *eve gelmişler.* **Berilen mysallardaky aşagy çyzylan sözler sözlemdäki pikiriň ............ bildirýär?**

**96.***Şol güniň özünde* ***Annaguly ......*** *hammama gitdiler. Meniň düýn* ***agam .....*** *Moskwa gitdi.* ***Aman, Jeren, Sapar ......*** *uniwersitetde okaýarlar.* **Mysallardaky köp nokadyň ornuna degişli sözi goyuň?**

**97.Baş düşüm termini deregine türk dilinde haýsy termin ulanylýar?**

**98.Baş düşüm termini deregine gazak dilinde haýsy termin ulanylýar?**

**99. Baş düşüm termini deregine ýakut dilinde haýsy termin ulanylýar?**

**100. *Batga, gök, sähra, çöl* sözleri türki halklaryň arasynda durmuşyň haýsy ugry bilen baglanyşykly sözler hasaplanýar?**

**101.*Ýel, gyraw, bug, çyg, duman* sözleri türki halklaryň arasynda durmuşyň haýsy ugry bilen baglanyşykly sözler hasaplanýar?**

**102.Türki dilleriň leksikasy näçe bölüme bölüp öwrenilýär we olar haýsylar?**

**103.Türkme dilindäki "baş düşüm" terminini prof. A.P.Poselýuwskiý nähili termin bilen atlandyrýar?**

**104.Türkmen dilindäki baş düşüm termini ornuna esasy düşüm termini ulanmagy haýsy türkmen dilçi alymy aýdýar?**

105.H.Karaýew haýsy türki diliň düşümler sistemasy barada dissertasiýa işini ýazýar?
106.Türki dillerdäki *-nar, -när, -nor, -nör, -tar, -ter, -tor, -tör, -dar, -der, -dor, -dör, -zar, -zär, -zör* ýaly fonetik wariantlar haýsy goşulmanyň wariantlary hasaplanýar?
107.Gadymy türki dilde köplük manysyny haýsy elementler aňladypdyr?
108.Degişlilik kategoriýasynyň birlik sanynyň III şahsyna ýakut dilinde hähili goşulma goşulýar?
109.Türki dillerde degişlilik kategoriýasy haýsy söz toparyna degişli kategoriýa hasaplanýar?
110.Degişlilik kategoriýasynyň birlik sanynyň I-II şahsynyň goşulmasyz *(man al, san al görnüşinde)* gelmegi haýsy türki dilde duşýar?
111.*-g, -yg // -ig, -ug // -üg (ogylyg, oglug)* ýaly arhaik formalar degişlilik kategoriýasynyň näçenji şahsyna degişli?
112.*Atyý, uýiý, kitobiý, ahvoliý* sözlerinde degişlilik kategoriýasynyň birlik san II şahsy haýsy elementler arkaly aňladylýar?
113.*Qas, qol, ayaq, qulaq, erin, egin* sözlerinde köplük formalar arkaly aňladylýar?
114.*Oguz, gyrgyz* etnonimleriniň düzüminde gelip köplügi aňladýan affiksi görkeziň?
115.Türki dillerdäki yzyna *-lar, -ler* goşulmasyny kabul etmeýän sözleri görkeziň?
116.Ýakut dilinde dedişlilik kategoriýasy köplik san I şahs goşulmasynyň nähili warianty duş gelýär?
117.Abymyr, ywilmir sözleri çuwaş dilinde ulanylyp, bu sözlerdäki -myr, -mir affiksi degişlilik kategoriýasynyň köplik sanynyň näçenji şahsyna degişli?
118.Slawýan dilleriniň täsiri iň köp ýeten türki dil haýsy?
119.Tuwa diline rus dilinden özleşdirilen sözler esasan näçenji ýyldan başlap girip gelýär?
120.Tuwa dili 1940 ýyla çenli haýsy döwletiň hökümranlygy gol astynda boldy?
121.Türki dilleriň biri bolan özbek diliniň sözlük düzümini esasan haýsy dillerden özleşdirilen sözler düzýär?
122.Pars-täjik dillerinden özleşdirilen elementler esasan haýsy türki dillerde köp duş gelýär?
123.Türki dillerdäki sözleriň morfologik düzümi nämelerden ybarat bolýar?
124.*Işçi, işçen, işsiz, işler, işe, işden* sözleriniň asyl sözi haýsy söz hasaplanýar?
125.Türki dilleriň sözlük düzümindäki beden agzalary bilen baglanyşykly bolan sözler berlen jogaby tapyň?
126.Türki dilleriň sözlük düzümindäki ösümlikler bilen baglanyşykly bolan sözler berlen jogaby tapyň?

**127.Türki dilleriň sözlük düzümindäki tebigat hadysalary bilen baglanyşykly bolan sözler berlen jogaby tapyň?**

**128.*-ym, -im, -um, -üm, -m, -yň, -iň, -uň, -üň, -ň, -yn, -in, -un, -ün, -n, -y, -i, -u, -ü, -sy, -si, -su, -sü* formalary türki dillerde atlaryň haýsy kategoriýasyna degişli goşulmalar hasaplanýar?**

**129.*-ymyz, -imiz, -umuz, -ümüz, -myz, -miz, -yňyz, -iňiz, -uňyz, -ümiz, -ňyz, -ňiz, -y, -i, -u, -ü, -sy, -si, -su, -sü* formalary türki dillerde atlaryň haýsy kategoriýasyna degişli goşulmalar hasaplanýar?**

**130.*-men, -pen, -ben* goşulmalary arkaly aňladylyp, türkmen dilindäki *"bilen"* sözsoňusynyň manysyna gabat gelýän gazak dilindäki ýedinji düşüm näme diýip atlandyrylýar?**

**131. *Atyň, atyn, otning, atnyň, attyn, attyň, atdyň* sözlerindäki aşagy çyzylan goşulmalar türki dillerde haýsy düşüm goşulmalary hasaplanýar?**

**132.*-yň, -iň, -uň, -üň, -niň, -nyň, -nuň, -nüň, -tyň, -tiň, -dyň, -diň* formalary türki dillerde atlaryň haýsy düşüme degişli goşulmalar hasaplanýar?**

**133.*Enä, enäýä, nenäýä, enege, onoga* sözlerindäki aşagy çyzylan goşulmalar türki dillerde haýsy düşüm goşulmalary hasaplanýar?**

**134.*-a, -e, -ä, -ýa, -ýä, -nga, -nge, -ha, -he, -ga, -ge, -go, -gö, -ka, -ke* formalary türki dillerde atlaryň haýsy düşüme degişli goşulmalar hasaplanýar?**

**135.*Oty, otny, otty, otto* sözlerindäki aşagy çyzylan goşulmalar türki dillerde haýsy düşüm goşulmalary hasaplanýar?**

**136.Wagt-orun düşümiň türki dillerdäki grammatik formalaryny anyklaň?**

**137.Türkmen dilindäki çykyş düşümiň *-dan, -den, (-ndan, -nden)* goşulmasynyň türki dillerdäki wariantlary berilen jogaby görkeziň?**

**138.Häzirki türki dillerde birlik nol forma arkaly aňladylýan bolsa, köplük haýsy goşulma arkaly aňladylýar?**

**139.Ýakut dilinde bar bolan deňeşdirme düşüminiň goşulmasyny anyklaň?**

**140.Eýelik düşümiň *-im* formasy türki dilleriň haýsysynda at çalyşmalara goşulyp ulanylýar?**

**141.Häzirki türki dillerde esasan haýsy düşümler goşulmaly we goşulmasyz wariantda *(şäher köçesi, donyn çykardy)* ýaly ulanylýar?**

**142.Eýelik düşümi belli bir ady aýyklap gelende *(Amanyň kitaby, kolhozyň maly)* sözlemde haýsy agza hyzmatyny ýerine ýetirýär?**

**143.Eýelik düşümi kömekçiler bilen gelende (Bu matany *seniň üçin* aldym) sözlemde haýsy agza hyzmatyny ýerine ýetirýär?**

**144.Türkolog A.Ybraýymow "Türki dilleriň deňeşdirme grammatikasyndan gollanma" Aşgabat. 1972 kitabynda baş düşüm deregine haýsy termini ulanmagy makul görýär?**

**145.Sözlemde *kim?, näme?, nire?, näçe?,* kömekçiler bilen gelse *kim ýaly?, nire ýaly?, näme ýaly?, kim bilen?, nire bilen?, näme bilen?, näçe bilen?, kim üçin?, näme üçin?, nire üçin?,* diýen soraglara jogap bolup gelýän sözler haýsy düşüm hasaplanýar?**

**146.*Kitab insana än ýakyn dostdur.* Haýsy söz baş düşümde gelip sözlemiň eýe bolup gelýär?**
**147.*Bagşy şonda sekiz-dokuz ýaşly oglandy.* Haýsy söz baş düşümde gelip sözlemiň habary bolup gelýär?**
**148.Türki dilleriň oguz toparynda baş düşümdäki atlar we at rolundaky sözler haýsy posleloglar bilen gelýärler?**
**149.Annaguly, Annaguly, tursana oglan! Iller bireýýäm pagta gitdiler? Sözlemde aşagy çyzylan sözler haýsy sintaktik funksiýany ýerine ýetirýär?**
**150.Türki dillerdäki baş düşümiň beýleki düşümlerden esasy aýratynlygy görkeziň?**
**151.Baş düşümiň beýleki düşümler bilen esasy umumylygyny, meňzeşligini görkeziň?**
**152.*Ol aýagynyň aşagy ýaýly ýaly towsup galdy.* Sözlemde baş düşümde gelip aşagy çyzylan söz haýsy söz toparyndan bolupdyr?**
**153.*Elli ona galyndysyz bölünýär.* Sözlemde baş düşümde gelip aşagy çyzylan söz haýsy söz toparyndan bolupdyr?**
**154.*Kozonga yakin yursang, qorasi yukar.* Sözlemde baş düşümde gelip aşagy çyzylan söz haýsy söz toparyndan bolupdyr?**
**155.*Giden getirer, oturan nyrh sorar.* Sözlemde baş düşümde gelip aşagy çyzylan söz haýsy söz toparyndan bolupdyr?**
**156.*Ol ýogyn, çynar agaç eken.* Aşagy çyzylan sözler haýsy wezipäni ýerine ýetirýär?**
**157.Türkmen dilinde çykyş düşümdäki söz köplenç nähili posleloglar bilen ulanylyp wagt doldurgyjy bolup bolup gelýär?**
**158.Türki dillerdäki ýöneliş düşümi haýsy kömekçiler bilen ulanylýar?**
**159.Alym *senagat* ........... ylym işleri üçin uly sylaga mynasyp boldy. Mysaldaky köp nokadyň ornuna degişli kömekçini goyuň?**
**160.Baş düşümde gelen atlar *“kimi, gibi, ýaly, kimin, dek”* posleloglarynyň öň ýanynda gelmek bilen, olar şol posleloglar bilen bilelikde *(nar ýay, Arslan kimin, gözi dek)* sözlemde aýyrgyjyň haýsy görnüşine mysal bolýar?**
**161.Baş düşümdäki atlaryň yzyndan *“-ky”* affiksini kabul eden *“hakynda, barasynda, dogrusynda, babatynda”* ýaly posleloglar bilen gelip *(parahatçylyk hakynda, söwda dogrusynda)* iki bilelikde sözlemde sözlemde aýyrgyjyň haýsy görnüşine mysal bolýar?**
**162.Gadymy türki dillere degişli ýazuw ýadygärliklerinde *“birlen, birle”* kömekçileriniň hyzmatyny häzirki türkmen edebi dilinde haýsy kömekçiler ýerine ýetirýär?**
**163.*Gözleýip göz üç ilen, synamga otlar sala sen* (Mollanepes), *Bar özbek ile külli Söýünhanda tapylmaz* (Seýdi). Berlen goşgy setirlerindäki aşagy çyzylan kömekçi sözler häzirki türkmen edebi dilinde nähili görnüşde ulanylýar?**
**164.Türkmen dilindäki *“bilen, bile”* kömekçileriniň *“ilä, la, lä”* görnüşleri haýsy türki dillerde häzirki wagtda aktiw ulanylýar?**

165.*Berdi birinji gün Uzuk bilen bir ýerde durup goýun seçdi.* Sözlemde *“bilen”* kömekçisi baş düşümde gelen at bilen bilelikde ýüze çykarylýan gymyldynyň iki taraplaýyn, ýagny bilelikde ýerine ýetirilýändigini bildirip, doldurgyjyň haýsy görnüşine mysal bolýar?
166.Baş düşümde gelen atlar *“üçin, sebäpli, ugrunda, zerarly”* ýaly kömekçiler bilen ulanylyp, *(Aman sebäpli, ýagyş sebäpli, ew için)* sözlemde doldurgyjyň haýsy görnüşine mysal bolýar?
167.Baş düşümde gelen atlaryň sözlem içinde hakyndalyk doldurgyjy bolup gelen jogaby görkeziň?
168.Baş düşümde gelen atlar *“ýaly, kimi, kimin, gibi, dek”* kömekçileriniň öňünden gelip, bir zadyň-hereketiň nämä meňzedilýändigini aňladýar we meňzetme doldurgyjy bolup gelen jogaby tapyň?
169.Azerbaýjan dilinde *“üzrä”,* türk dilinde *“üzere // üzre”* kömekçisi arkaly aňladylýan many türkmen dilinde haýsy kömekçi arkaly aňladylýar?
170.Türki dillerde eýelik düşüm funksiýasy boyunça nähili düşüm hasaplanýar?
171.Türki dilleriň ählisinde diýen ýaly eýelik düşümde gelen sözler esasan nähili gatnaşyklar we manylary bildirýär?
172.Türki dillerde eýelik düşümi düşümler sistemasynda näçenji orunda gelýär?
173.Ýakut dilinde düşümler sistemasynyň içinden haýsy düşüm ýok?
174.Türkmen dilindäki eýelik düşümiň *-iň, -yň, -niň, -nyň* formalarynyň ornuna azerbaýjan dilinde eýelik düşümiň nähili formalary ulanylýar?
175.Eýelik düşümiň -ni // -di // -ti // -mi // -zi // -si // -ti // -ri // -hi // -çi // -li // -wi *(nonni, otti, tommi, tuzzi, işşi, egarri, tolli, suwwi)* goşulmalary şzbek diliniň haýsy dialektinde duş gelýär?
176.Degişlilik kategoriýasy birlik sany II şahsynyň *“-yň, -iň, -uň, -üň, -ň // -yn, -in, -un, -ün, -n”* goşulmalary haýsy düşümiň grammatik formalary bilen birmeňzeş gabat gelýär?
177.Eýelik düşüm termininiň deregine latyn dilinde nähili termin ulanylypdyr?
178.Haýsy düşüm türki dillerde *jijälik hal, karatgiç kelişigi, ilik septik, muzafünileýh, iýelik seplik,* ýaly terminler bilen atlandyrylýar?
179.Eýelik düşüm termini deregine azerbaýjan dilinde haýsy termin ulanylýar?
180.Eýelik düşüm termini deregine özbek dilinde haýsy termin ulanylýar?
181.Eýelik düşüm termini deregine tatar dilinde haýsy termin ulanylýar?
182.Türk diliniň düşümler sistemasy barada ylmy iş alyp baran rus alymynyň adyny anyklaň?
183.Eýelik düşüm goşulmasynyň VI-VIII asyrlardaky run ýazuw ýadygärliklerinde nähili görnüşi duş gelýär?

**184.Eýelik düşümiň *“niň”* goşulmasy näçenji asyrlarda duş gelýän ýazuw ýadygärliklerinde ulanylypdyr?**

**185.Häzirki türkmen edebi dilindäki we dialektlerindäki ulanylýan eýelik düşümiň *(-nyň, -niň, -nuň, -nüň, -uň, -üň, -yň, -iň, -y, -i goşulmalary)* XI asyra degişli haýsy ýadygärlikde doly kämilleşip bolupdyr?**

**186.Özbek-türkmen gepleşiklerine degişli Juş gepleşiginde eýelik düşüm goşulmalarynyň nähili warinatlary duş gelýär?**

**187.Türkmen diliniň haýsy şiwesinde eýelik düşümiň esasan *“-yý, -iý, -nyý, -niý” (galhozyý, onyý, gapynyý, Mämediý, Şiriý)* goşulmalary duş gelýär?**

**188.Türki dillerdäki eýelik düşüm goşulmasynyň gelip çykyşyny yzarlamaga we onuň haýsy wariantynyň öň emele gelendigini anyklamaga haýsy dillerde ulanylýan düşüm goşulmasy ýardam edýär?**

**189.Haýsy türkolog alym türki dilleriň köpüsinde eýelik düşümiň *“-nyň, -niň”* goşulmasy täzeden döräp, onuň asly *“-yň, -iň”* bolupdyr diýen netijä gelipdir?**

**190.Eýelik düşümiň çekimli ses bilen başlanýan “-yň, -iň” goşulmalaryndan başga-da çekimli ses bilen başlanýan “-an, -en” warianty haýsy türki duş gelýär?**

**191.Türkologlar türki dillerdäki eýelik düşüm goşulmasynyň asly haýsy sözden döräpdir diýen netijä gelýarler?**

**192.Türkolog arasynda türki dillerdäki eýelik düşüm goşulmasynyň haýsy warianty has gadymy diýip hasaplanýar?**

a) **Eýelik düşümiň at çalyşmalaryndaky *“-im”* warianty *(men-menim, biz-biznim)* näçenji asyrdaky ýazuw ýadygärliklerinde görmek bolýar?**

**193.Oguz toparyna degişli bolan gagauz dilinde eýelik düşüm goşulmasynyň näçe warianty duş gelýär?**

**194. Türkmen dilindäki eýelik düşüm goşulmasynyň *“-nuň, -nüň”* warianty esasan haýsy çalyşmalara goşulýar?**

**195. Oguz toparyna degişli bolan haýsy dillerde söze eýelik düşüm goşulmasy goşulandan soň soňky boguna dodaklandyrylýar?**

**196. Eýelik düşümiň haýsy goşulmasy diňe oguz toparyna degişli türkmen dilinde ulanylýar. Ol haýsy goşulma?**

**197.Eýelik düşümiň haýsy goşulmasy diňe oguz toparyna degişli gagauz dilinde ulanylýar. Ol haýsy goşulma?**

**198.Azerbaýjan dilinde *“su”*, türkmen dilinde *“Baku, Tartu”* sözlerine eýelik we ýeňiş düşüm goşulmalary goşulanda, düýp söz bilen goşulmanyň arasynda haýsy sesler artdyrylýar?**

**199.*Aman-yň-ky-nyň, Durdy-nyň-ky-nyň, men-iň-ki-niň* sözlerinde eýelik düşüm goşulmasy haýsy orunlarda berilipdir?**

**200.Türkmen dilinde käbir ýagdaýlarda bir söze dürli ýollar bilen birbada üç düşüm goşulmasynyň goşulyp gelişi duş gelýär. Şu *Aman-yň-ky-dan-dyg-y-ny, Durdy-nyň-ky-dan-dyg-y-ny* sözlerinde düşüm goşulmalarynyň goşulmak yzygiderligini anyklaň?**